***25-nji dekabrda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda, Mary şäherinde, Erasmus+ programmasynyň güni geçirildi. Çärä bu ýokary okuw mekdebiniň talyplary we mugallymlary gatnaşdylar.***

Türkmenistandaky Erasmus+ Milli edarasynyň utgaşdyryjysy Aýna Çörekliýewa çärä gatnaşyjylara ýurduň ýokary okuw mekdepleri üçin ýokary bilim ulgamyndaky programmanyň mümkinçilikleri we dürli taslamalara we stipendiýa taslamalaryna nädip ýüz tutmalydygy barada gürrüň berdi.

Erasmus+ ugurlarynyň hataryna “Ýokary bilim ulgamynda kuwwaty ýokarlandyrmak”, “Halkara kredit hereketliligi”, “Erasmus Mundus bilelikdäki magistr derejesi” we “Žan Mone Programmasy” girýär. Programmanyň möhleti 2021-2027 ýyllar aralygynda bolup, bilim, hünär taýýarlygy, ýaşlaryň ösüşi we sport ýaly ugurlara gönükdirilendir.

Все права защищены